[redacted]

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

"27" iýun 2017 ý. № 269 Aşgabat ş.

## «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Hazar-1» we «Deňiz» köşklerinde düýpli abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek hakynda

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Hazar-1» we «Deňiz» köşklerinde düýpli abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek maksady bilen, karar edýärin:

1. «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konsernine «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Hazar-1» we «Deňiz» köşklerinde düýpli abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek barada «Polimeks Inşaat Taahhüt ve Sanayi Ticaret A.Ş.» türk kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alnanda umumy bahasy 5 620 584,03 (bäş million alty ýüz ýigrimi müň bäş ýüz segsen dört bitin ýüzden üç) amerikan dollary bolan şertnamany köşkleri 2018-nji ýylyň dekabr aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak şertinde baglaşmaga ygtyýar bermeli.

2. Şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen şertnamanyň bahasyny hem-de ony durmuşa geçirmek bilen bagly salgytlary, birža, gümrük ýygymlaryny we güwälendiriş tölegleri Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary M.Babaýew, D.Amangeldiýew, Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Iş Dolandyryjysy,«Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserniniň başlygy, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygy, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň baş direktory, Balkan welaýatynyň häkimi we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**